# Kuranyñ ýakylmagy, islamofobiýa we musulmanlar

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kuranyñ ýakylmagy, islamofobiýa we musulmanlar KURANYÑ ÝAKYLMAGY, ISLAMOFOBIÝA we MUSULMANLAR




Şwesiýanyñ paýtagty Stokgolmda asly yrakly Salwan Momika atly raýatyñ Stokgolm metjidiniñ öñünde, üstesine polisiýa işgärleriniñ goragy astynda Kurany-Kerimi ýere zyñyp depgilemegi, soñam otlamagy akla-huşa sygjak zat däldi. Emma bular ýaly ýürekbulanjy agressiw we prowokasion hereket ne birinji gezek bolýar, ne-de iñ soñky gezek…
Öz mazmunynda şeýle hereketiñ birden köp maksady bolup biler. Professor Hasan Ünalyñ «Kuran ýakma bulagaýlygyna medeniýetler maksatnamasy bilen garşylyk bermeli» makalasynda «Şwesiýanyñ NATO agzalygy boýunça Türkiýä edilýän basyşlar haçan artyberse we Ankara Stokgolmyñ üçtaraplaýyn konsensusynyñ tekstine girizilen wadalaryny ýerine ýetirmedik ýagdaýynda Şwesiýanyñ NATO agza bolmagyny oñlamajagyny aýdanda, şeýle bulagaýlyklar täzeden möwç alýar» diýip ýazýar. Ünalyñ pikiriçe «Şwesiýanyñ NATO guramasyna girmegini islemeýän toparlaryñ we partiýalaryñ şular ýaly prowokasiýalary goldamagy ýa-da Ankaranyñ degnasyna degip, Türkiýäniñ wetosyny başgarak atmosferada jedelleşmäge açmagy» şol maksatlardan käbirleri.
Islamofobiýa (yslam gorkusy) adam hukuklaryna howp salýan problemalaryñ biri. 2001-nji ýylyñ 11-nji sentýabrynda bolup geçen teraktlardan soñ güýçlenen we günbatarly döwletleriñ daşarky syýasatlaryna-da täsirini ýetiren islamofobiýa

gollandiýalary konstruktor Teo Wan Gogyň öldürilmegi we Stambul, Madrid, Bali, Mumbaý, London şäherlerinde ýüze çykan protestler bilen artyp, YŞYD, El-Kaide, El-Nusra, Boko-Haram we başga terrorçylykly toparlaryň aktlary bilen gyýa garaýyşlar mazaly bekäp, «yslam terrory» şol döwrüň içinde iň köp ulanylýan sözleriň birine öwrülipdi.



**• ADAMZAT ÖLÜLERDEN EMELE GELÝÄR!**

Terrorçylygyň, saýrylaşdyrmagyň, kemsitmegiň, äsgermezçiligiň dini, mezhebi, milleti, jynsy ýok.

Akly-huşy we pikiri-oýy ýerinde her bir medeniýetli adamyň çemeleşmesi-de şeýle bolmaly. Munuň tersini pikir edýän her bir pikir eýýäm gyşykdyr. Emma şular ýaly atmosferada adamlaryň biri-birlerine edýän bolgusyzlyklaryna hakykatdanam düşünmek kyn. Hatda «taryh şeýle bolgusyzlyklardan doly» diýsek öte geçmesek gerek. Adamzat taryhynyň birnäçe asyryny hasaba almasak, hemmesiniň diýen ýaly uruşlar bilen geçmegi adamlaryň aglaba köpçüliginiň gümanlar, ýalan-ýaşryklar, ýalňyşlar bilen ýaşaýandygyny («Engam» süresi, 116) aýdýan aýaty tassyklaýar. Gadymy taryh hakda-ha aýdybam oturmalyň, 2009-njy ýylda çap bolan bir makalada «Soňky üç asyryň dowamynda adamlar diňe 26 gün biri-birlerini öldürmän ýaşapdyr. Gönüden-göni ýa-da gyýtaklaýyn urşuň bolmadyk dürli wagtlarynda bary-ýogy 26 gün» diýlip ýazylan. Sosiologiýanyň atasy Ogýust Kontuň ýatlamasynda ýazan şu sözi gürrüňini edip oturan meselämizi ähli ýalaňaçlygy bilen orta serýär: «Adamzat diri ýaşap ýörenlerden has köp ölülerden emele gelen».

Adamlar gara nebisleriniň ugrunda ölmekden we öldürmekden gaýdanok. Russiýa-Ukraina urşuny hemmämiz bilelikde görüp otyrys. Akif şahyr şeýle diýýär:

*«Geçmiş adamy duýgylandyrýamyş, tymsal ýaly zat,*

*Bäş müñ ýyllyk kyssa ýarpy duýgy berdimi?*
*Taryh gaýtalanýar diýip aýdan bolýarlar,*
*Sapak alynýan bolsa taryh gaýtalanarmydy?»*

(Asyl nusgasy:

*“Geçmişten adam hisse kaparmış; ne masal şey*
*Beş bin senelik kıssa yarım hisse mi verdi?*
*Tarihi tekerrür diye tarif ediyorlar*
*Hiç ibret alınsaydı tekerrür mü ederdi?”)*

Gaýtalanmazdy. Diýmek, taryh, tejribe, uruşlaryñ ýowuzlygy adamzada iñ güýçli wagyz ýa-da wagyzçy hökmünde ýeterlik bolaýmaly. Emma ykdysady we syýasy bähbitleriñ «gan bilen çözülýän garpyşygy» hiç gutarmady, mundan beýlägem gutarjaga meñzemeýär. Mustapa Kemal Atatürk «Halkyñ durmuşyna howp abanmadyk ýagdaýynda uruş yglan etmek jenaýatdyr» diýýär. Dogrusyny aýtmaly bolsa, taryh – jenaýatlar taryhy. Eýse din munuñ niresinde? Din bu ýerde diñe don bolup hyzmat edýär, kanunylaşdyrmagyñ guraly we iñ gowy motiwasiýa. Çünki «Hudaýyñ adyndan…» diýip söze başlanýan ýerde köplenç köpçülige söz gezegi berilmeýär.



## • ISLAMOFIÝA we SEBÄPLERI

Salwan Momika Yrakda arami-suriýany jemagatynyñ syýasy aktiwistlerinden. Ol eden prowokasiýasynyñ sebäbini şeýle düşündirýär: «Bu kitap demokratiýa, etika, ynsanperwer gymmatlyklary, adam hukuklary, zenan hukuklary taýdan döredýän howpt sebäpli bütin dünýäde gadagan edilmeli. Şu eýýamda, şu döwürde hiç zada ýaramaýar».
Hiç bir sebäp jemgyýetleriñ mukaddesligine garşy gönükdirilen

hereketi kanunylaşdyryp bilmez. Ynanç azatlygy we mukaddesliklere hormat goýmak prowokatoryň sözlerinde agzalan demokratiýanyň, etikanyň, ynsanperwer gymmatlyklaryň, adam hukuklarynyň iň esasy talabydyr. «Nämüçin şu kitaba ynanýaň?» diýmäge hiç kimiň haky ýok. Haýsydyr bir mukaddeslige haýsydyr bir sebäp bilen dil ýetirmäge-hä asla-da haky ýok… Prowokasiýany amala aşyran adama şular ýaly atmosferada berlen jogaplar ýerlikli bolar. Emma ýokarda onuň sözlerine salgylanyp aýdan sözler bilen baglanyşykly ilkinji nobatda musulman ýurtlaryň döwlet ýolbaşçylaryndan aýdyňlaşdyryjy beýanatlaryň berilmezligi iň uly kemçiligimizdir.
Berilýän garşylyklar prowokasiýanyň diňe formasyna garşy gönükdirilýär. Eýsem-de bolsa dünýäniň ünsi ilki onuň öz aýdan sözlerine çekilmelidi. Onuň özüni şeýle bir ýaňsylap, şeýle bir batnykly jogaplar berip, şeýle prowokasiýany amala aşyrany-da, yslama gorky bilen esedýän başgalary-da aljyradyp taşlamalydy we yslama garşy gidýän düşünjeler bilen hasaplaşmalary başlatmalydy. Nädip diýýäňizmi? Indiki hepde dowam ederis.

Aýşe SUJU.

«SÖZCÜ» gazeti, 03.07.2023 ý. Publisistika